# «Gorkut ata» şadessanyna ýanama

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
"Gorkut ata" şadessanyna ýanama "GORKUT ATA" ŞADESSANYNA ÝANAMA

Bidöwlet sakgalyñ bitmedigi ýeg,
Haram ülüşden paý ýetmedigi ýeg.
Bet işiñ rowaç tapmadygy ýeg,
Namardyñ mertleri utmadygy ýeg.

Gulatynhñ parlap uçmadygy ýeg,
Bürgütleriñ ýerläp uçmadygy ýeg.
Bedewiñ toýnakdan galmadygy ýeg,
Süýtleriñ gaýmakdan galmadygy ýeg.

Ýaryñ yşk umydyn üzmedigi ýeg,
Şahyryñ galp setir düzmedigi ýeg.
Şoe suwuñ pagşyldap çogmadygy ýeg,
Äriñ duşmana baş egmedigi ýeg.

Bir gendäñ bagt guşun tutmadygy ýeg,
Aşygynyñ alçy gopmadygy ýeg.
Gara ýeliñ giçläp gelmedigi ýeg,
Baýguşuñ jakyrdap gülmedigi ýeg.

Ýalançy güldüýbüñ düwmedigi ýeg,
Zyñlan daşyñ merde düşmedigi ýeg.
Del töwirsiz öýüñ bolmadygy ýeg,
Uz gylyjyñ karam çalmadygy ýeg.

* * *

Depämde Tañrynyñ täji,
Gözümde rehnet nury bar,
Gulagymda ýagşy owaz,

Kalbymda ahun-piri bar.

Her gün örýän hajy bolup,
Ýagşa tutan pälim bilen.
Gara güýje gaçy bolup,
Ýaşap ýörün ilim bilen.

Dilimde alhamym bolar,
Ýurdum –
Hak sylanym bolsa!
Öýüñde ýalkanyp bolar,
Käbelik imanyñ bolsa!

Baýram JÜTDIÝEW,
Türkmenistanyñ halk ýazyjysy. Goşgular